# Edarada onuñ wezipesi bar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Edarada onuñ wezipesi bar… Orazguly ANNAÝEW

▶ EDARADA ONUÑ WEZIPESI BAR…

Edarada onuñ wezipesi bar,
Kabinetde alty bolup oturýar.
Äkit diýlen zady äkidýär bada,
Getir diýlen zady bada getirýär.
Ýylgyrmaga taýyn,
gülmäge taýyn.
Oturmaz hiç haçan ýüzüni asyp.
Gülmek näme,
asyl ölmäge taýyn,
Ýörände, ýöreýär ýuwaşja basyp.
Ýöne öýne gelip giren badyna,
Aýalyna gyýgyn pürküp, gyñralýar.
Nahar iýip, süñk gemirýän mahaly,
Göwnüñe bolmasa käte hyñranýar.
Gymyldaman ýatan äpet göwresi,
Diýersiñ gadymdan galan süýrenji.
Bar zada at dakyp,
bar zady kyhlap,
Köp gezek eşitdim onuñ üýrenni.
Sypatyna geçdi onuñ häsiýeti,
Bir gözi gülüp dur,
bir gözi aglap.
Ýürek öz durkuny saklap bilmedi,
Kime-hyzmat, gulluk edýänin añlap.
Ýöne bir gün bulaşdyrdy bu kişi,
Uzak dowam eden mäkäm hasabyn.
Öýde gülüp,
arlan wagty işinde,
Reýgan etdi ähli çeken azabyn.

Bir göwrede goşa ýürek döredi,
Olar bir-birine diýdiler dönük.
Iki kişiñ hersi bir ýan ugrady,
Bitewi göwräni deñ iki bölüp.

* * *

Galyñ garlar ýagsa ýagsyn,
Owarrama.
Dostlar göwne degse degsin,
Owarrama.
Aglan bolsa diňdiren bor,
Owarrama.
Işe yhlas siñdiren bor,
Owarrama.
Saýraýarmy bagda şeýda,
Owarrama.
Barmy mundan ile peýda,
Owarrama.
Goñşy çekýär bu gün azar,
Owarrama.
Döredimi täze mazar,
Owarrama.
Parsyldap çykypdyr maýsa,
Owarrama.
Bürgüt gökde ganat ýaýsa,
Owarrama.
Dünýämize howp abanýar,
Owarrama.
Aýaly ärin gabanýar,
Owarrama.
Bozanyñ guş höwürtgesi,
Owarrama.
Döweniñ guş ýumurtgasy,
Owarrama,
Owarrama…
Duşduñyzmy beýle harama?! Goşgular